***Täze ruh, täze güýç, täze ynam bilen 2026-njy ýyla gadam basdyk. Her ýylymyzyň döwrebap atlandyrylmagy, milli ösüşiň täze tapgyrynda esasy ugurlary şöhlelendirýän şygaryň yglan edilmegi asylly däbe öwrüldi. Şu ýylymyzyň «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýyly diýlip atlandyrylmagy halkymyzyň köňül buýsanjyny goşalandyrdy.***

2026-njy ýyl — Gündogar müçenamasy boýunça ýylky, ýagny bedew ýyly. Biziň bedewlerimiz halkymyzyň milli buýsanjydyr, gymmatly baýlygydyr, beýik ösüşlerimiziň nyşanydyr. «At — myrat» diýlişi ýaly, täze ýyl bagtyýar halkymyzy maksat-myradyna ýetirer. Türkmen halky üçin 2026-njy ýyl aýratyn ähmiýete eýedir. Bu ýylda eziz Watanymyz mukaddes Garaşsyzlygynyň 35 ýyllygyny baýram eder. Türkmen halkynyň köpasyrlyk taryhynda hem-de özbaşdak ösüş ýolunda bedew at milletimiziň ynamdar we ygtybarly ýoldaşy hökmünde aýratyn orun tutýar.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ata Watanymyzda amala aşyrylýan il-ýurt bähbitli, umumadamzat ähmiýetli işler bedew batly ösüşlere beslenýär. Mekdebe çenli ýaşly çagalary terbiýelemek işinde hem döwrümiziň ösüşlerinden ugur alynýar. Çünki ýaş nesilleri milli ruhda döwrebap ösdürip ýetişdirmekde döwrüň täzelikleri öňde möhüm wezipeleri goýýar. Biz — terbiýeçiler körpeleriň duýgularyny ösdürmek, daş-töwerek we tebigat bilen tanyşdyrmak, göwnaçma çäreleri we gezelençleri guramak we beýleki gün pusatlarynda asuda ýurdumyza buýsanç döredýäris.

2026-njy ýylyň «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýyly diýlip yglan edilmegi hem ýaş nesilleriň göwünlerini galkyndyrýar, olary täze üstünliklere, ýeňişlere ruhlandyrýar. Şanly ýylymyzda hem bagtyýar ýaşlar ata Watanymyzyň ösüş-özgerişlerine, abraý-mertebesine halal zähmetleri, döredijilik gözlegleri we belent hyjuwlary bilen mynasyp goşant goşarlar.

**Laçyn ÖRÄÝEWA,**
**Daşoguz welaýatynyň Saparmyrat Türkmenbaşy etrabynyň 4-nji çagalar bakja-bagynyň terbiýeçi-usulyýetçisi.**

Все права защищены

save pdf date >>> 01.02.2026